# Üstün gelmek merdiwana dyrmaşyp…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Üstün gelmek merdiwana dyrmaşyp… Mahmyt ZAMAHŞARY

▶ ÜSTÜN GELMEK MERDIWANA DYRMAŞYP…

Üstün gelmek merdiwana dyrmaşyp
Bäsdeşler ýör bir-birini süsüşip.

Üstünlik saparna çykan kişiler,
Ahyry köşeşip, ýükün düşürer.

Meñ üstünlik hakda arzuwym bolsa,
Tañrym maña rehmet nazaryn salsa.

Umydym umytly zada ýetmäge,
Hyýal edýär oñ perinden tutmaga.

Başga umytlardan düşsem-de jyda,
Rehmetden umydym üzme, ýa, Huda!

* * *

Dergähiñe ýüzüm tutup, Ýaradan,
Arz edeýin kalbymdaky ýaradan.

Hesretim derdini köşeşdir, Jepbar,
Çünki, diñe Sende jana şypa bar.

Özüñ maña ýakyn eýle Käbäni,
Daş ataýyn, yrak eýle şeýtany.

Käbe ýakyn bolsa, daş bolsa şeýtan,
Şu iki zat maña ýeterlik, Rahman! Goşgular